# 22 NEBIT, KESELLER WE ADAM HUKUKLARY

Nebit we ilatyň saglyk ýagdaýy . . . . . 500
Nebit senagatyndan ejir çekýän ilat saglyk ýagdaýyny öwrenýär . . . . . 500
Nebit agyr keselleriň döremegine sebäp bolýar . . . . . 506
Nebit öndürmegiň her tapgyry zyýanlydyr. . . . . 508
Gaz alawlary . . . . . 511
Hekaýa: Alawlary söndürip bolar!. . . . . 512
Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar . . . . . 513
Nebitiň dökülmegi . . . . . 514
Tejribe sapagy: Nebit suw bilen garyşýarmy? . . . . . 514
Nebit dökülen ýerleri arassalamak . . . . . 516
Hekaýa: Dökülen nebiti arassalan işçileriň kesellemegi. . . . . 516
Adatdan daşary ýagdaýlaryň howpsuzlyk meýilmamasyny düzüň . . . . . 518
Nebit zerarly şikeslenen ýerleriň dikeldilmegi . . . . . 520
Hekaýa: Dökülen nebiti aýyrmagyň täze usuly . . . . . 520
Ekololiki adalatlyk . . . . . 521
Hekaýa: Aýallar nebitiň ulanylmagyna garşy çykýarlar . . . . . 521
Nebit we kanun . . . . . 522
Hekaýa: Teksako garşy işiň gozgalmagy . . . . . 522

# NEBIT, KESELLER WE ADAM HUKUKLARY



Nebit önümleri benzin, propan, nebit (kerosin), gündeki durmuşda ulanylýan ýangyç, asfalt, birgiden plastikler, reňkler, pestisidler, eredijiler we kosmetika ýaly gündeki ulanýan önümlerimiziň düzüminde bardyr. Hatda käbir matalar we dermanlar hem nebitden taýýarlanylýar. Nebit örän zäherli bolup, ony burawlap almak, daşamak, gaýtadan işlemek, ulanmak usullary arkaly daşky gurşawa we biziň saglygymyza zyýan ýetirip bilýär.

Nebite baý ýerleriň ilaty nebitiň özlerini baýatjakdygyna umyt baglaýarlar. Emma köp halatlarda diňe nebit korporasiýalary baýaýandyr. Adamlar we tutuş jemgyýet bolsa garyp, keselli, hapaçylykda we nebitiň bar bolan ýerinde hemişe howp astynda ýaşaýarlar. Dünýä ykdysadyýeti nebite bagly bolany sebäpli, nebit korporasiýalary döwletleriň hökümetlerine we halkara syýasatyna güýçli täsir edip bilýär. Bu ýagdaý nebite baý sebitleri özlerini, ýerlerini goramak ugrunda göreşmäge, ösen we ösüp barýan jemgyýetleri bolsa howanyň hapalanmagyna garşy göreşmäge mejbur edýär.

Nebit, kömür we tebigy gaz gazylyp alynýan ýangyçdyr. Olar millionlarça ýyl mundan ozal ýitip giden ösümliklieriň we haýwanlaryň galyndylaryndan emele gelip, olaryň mukdary çäklidir. Soňky 100 ýylyň içinde nebit bütin dünýäde diýen ýaly esasy energoserişdä öwrüldi. Häzirki döwürde nebit serişdeleriniň köp bölegi ulanylýar. Nebitiň we beýleki gazylyp alynýan ýangyjyň şeýle mukdarda ýakylmagy adamzadyň duçar bolan iň agyr meselesi bolan dünýä möçberindäki maýlamanyň döremegine sebäp boldy (33-nji sah. ser.). Dünýädäki adamlaryň köpüsi nebit ykdysadyýetiniň bes edilmegini we energiýanyň has arassa we durnukly görnüşleriniň ulanylmagyny öňe sürýär (23-nji baba ser.).

# Nebit we ilatyň saglyk ýagdaýy

Nebitiň tapylan ýerlerinde ykdysadyýet çalt depginler bilen ösýär, ýöne bu garyplyk ykdysadyýetidir. Ýaramaz gurlan nebitçiler şäherçeleri gelşiksiz keşbi we oňaýsyz ýaşaýyş şertleri bilen töwerekdäki görnüşden tapawutlanýar. Bu ýagdaý mejbury göçüp gitmek, arakhorluk, jyns gatnaşyklar arkaly geçýän ýokançlyklar, AIW/AIDS ýaly dürli keselleriň we durmuş kynçylyklarynyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar (474-nji sah. ser.). Nebit korporasiýalary we hökümet halkyň nebit senagatyndan agyr ejir çeken bölegini goldamaýar. Ilatyň bu bölegi idegsiz galyp, nebitiň ýetiren zyýanynyň möçberini anyklamaga we öz saglyk ýagdaýyny gowulandyrmagyň usullaryny tapmaga synanyşýar.

## Tebigy gaz hem saglyk kynçylyklarynyň döremegine sebäp bolýar

Tebigy gaz ýakylanda, kömürturşy gazy (dünýä möçberindäki maýlamanyň sebäbi) we beýleki hapalaýjy maddalary nebitiň ýakylmagyna garanda az bölüp çykarýar. Emma gazyň gazylyp alynmagy hem nebit burawlamasyna meňzeş bolup, durmuş kynçylyklaryny döredýändir. Bu bapda nebit barada aýdylýan hakykat tebigy gaza-da degişlidir.

# Nebit senagatyndan ejir çekýän ilat saglyk ýagdaýyny öwrenýär

1992-nji ýylda Ekwadordaky Amazonka jülgesindäki saglygy goraýyş boýunça guramaçylar topary burawlamanyň ýerli ilatyň saglygyna ýetirýän täsirini öwrendiler. Olar nebit korporasiýalarynyň ilatyň ýaşaýan ýerlerini zaýalaýandygyny bilýärdi. Emma nebit senagatynyň adam saglygyna ýetirýän zyýany barada hiç anyk maglumatlary ýokdy. Şonuň üçinde, saglygy wagyz edijiler öz şäherleri we obalary barada maglumat ýygnap başladylar.




Ilatyň saglyk ýagdaýyny öwrenmek uly işi we köp wagty talap etdi. Guramaçylar bu işe başlanlarynda, nähili maglumat ýygnajakdyklaryny göz öňüne hem getirmeýärdi. Olar şu babyň dowamynda öz wakalaryny gürrüň bererler...

Müňlerçe ýyllaryň dowamynda bu sebit ýerli ilatyň ýaşaýan ýeridi. Amazonka jülgesiniň bize degişli böleginde dürli taýpalar: Şuar-Eçuar, Runa, Ouaýçia, Huaorani, Siona-sekoýýa we Kofan ýaşaýar. Bu ýerde ýaşaýan taýpalaryň öz medeniýeti, dili we dünýägaraýşy bar. Taýpalar häzirki döwre çenli özara parahat ýaşaýardyrlar. Emma, gynansakda, bu asuda durmuş bozuldy. Muňa nämäniň sebäp bolandygyny bilmek isleseňiz, biziň wakamyzy diňlemeli.



Bu biziň ata-babalarymyz bilen tebigatyň arasyndaky deňagramlylygyň bozulmagynyň başydy. Ispanlar ilkibaşda altyn we kümüş gözläp, biziň ýerlerimizi öwrenýärdi. Olar biziň ata-babalarymyza ýerden altyn we kümüş gazdyryp, olary öz gullaryna öwürdiler. Soňra iňlisler geldi. Olar altynyň deregine kauçuk gözleýärdi. Ýerlerimizden kauçuk gazyp almak üçin, olar hem bizi öz gullaryna öwürdiler. Soňra nebit korporasiýalary geldi. Olar hem beýlekiler ýaly hereket etdi.

Biz nebit korporasiýalaryň saglygymyza zyýan ýetirýändigini bilýäris. Hut şol sebäpli hem saglygy wagyz edijiler hapalanmany we onuň täsirini öwrenmek kararyna gelýär. Biz ykdysadyýetiň, syýasy we medeni ýagdaýyň has gowulaşmagy üçin hyzmatdaşlyk etmek isleýäris.




Saglygy wagyz edijiler nebit bilen hapalanan döwletiň ilatynyň hapalanmadyk ýerleriň ilatyna garanda, has köp syrkawlaýandygyny anykladylar. Şol ýurtlardaky aýallar çaga düşmekden ejir çekýärler. Çagalar açlyk çekýärler, olaryň käbiri ýaş wagty aradan çykýar. Köpüsinde bejerip bolmaýan deri keselleri döreýär. (Nebit senagaty zerarly döreýän saglyk kynçylyklary barada has köp bilmek üçin 506-507-nji sah. ser.)

Bu mälim bolan zatlaryň az bölegidir. Geçirilen barlaglardan soň, olar öz geçiren işleriniň netijelerini "Nebite gark bolan medeniýet" atly kitapda çap etdiler.




Biziň toparymyz 6 adamdan ybaratdy: saglyk wagyz edijileriň üçüsi (ikisi ilat bilen, biri barlaghanada işleýärdi), 3-si lukmançylyk işgäridi (lukman, biohimik, lukmançylyk tehnigi).

## Biz barlaglarymyzy amala aşyrmak üçin aşakdaky tertipde hereket etdik. Siz hem şeýle edip bilersiňiz:

**1. Biz maglumat ýygnadyk.**



Biz öz ýaşaýan çäklerimizde nebitiň haýsy görnüşlerde ulanylýandygyny, ulanylýan himiki maddalar, olaryň adam saglygyna ýetirýän täsiri barada maglumat ýygnadyk. Biz himiki maddalaryň çaga düşmegine, dogabitdi şikesleriň, düwnügiň (rak) döremegine sebäp bolýandygyny anykladyk. Mundan başga-da adamlaryň keselleriniň himikatlar bilen hapalanan suw zerarly döreýändigine göz ýetirdik.

**2. Biz barlanylmaly ýerleri saýladyk.**

Biz nebit senagatynyň ösmegi we gazylyp alynmagy netijesinde suwy hapalanan ilatly ýerleriň ýedisini saýladyk. Hapalanan ýeri saýlamak kyn däldi, sebäbi biziň töweregimizdäki ilatly ýerleriň hemmesi diýen ýaly nebit guýulary, galyndy taşlanýan suw howdanlary ýa-da nasos stansiýalary zerarly hapalanandy. Şeýle-de biz nebit bilen baglanyşykly işiň alnyp barylmaýan, ýöne beýleki taraplardan saýlanan ýedi ýere meňzeş başga bir üç ilatly ýerleri saýlap aldyk.

**3. Biz şol çäklerde ýaşaýanlaryň ählisiniň keseliniň taryhyny ýygnadyk.**

Haýsy keselleriň has ýygy duş gelýändigini bilmek üçin, biz soňky 4 ýyla degişli maglumatlary ýygnadyk. Adamlaryň köpüsiniň heläkçiliklerden we kesellerden ejir çekýändiklerini anykladyk. Şu maglumatlary ýygnamazdan öň, biz köpümiziň keseldigimizi-de bilmändiris!




**4. Biz alymlara ýüzlendik, emma olar kömek etmediler.**

Biz lukmançylyk barlaglarynyň geçirilýän ýerli merkezine baryp, barlaglaryň ýönekeý usullaryny öwretmeklerini haýyş etdik. Ilkibaşda olar gyzyklanma bildirdiler, ýöne soňra olar bize kömek etmediler. Soňra biz golaýda ýerleşýän lukmançylyk mekdebinden kömek soradyk, emma olar hem bize kömek bermediler. Talyplar bize agyz suwumyzdaky himiki maddalary öwrenmegi maslahat berdiler. Bu örän gymmat bolany üçin, olar bize puly başga ýurtlardan ýygnamagy maslahat berdiler.



**5. Biz öz çäklerimizde ýaşaýan ilat bilen ýygnak gurnadyk.**

Biz adamlara barlaglary näme üçin geçirmekçidigimizi düşündirip, olardan kömek etmeklerini soradyk. Ýygnagyň ahyrynda ähli adamlar bizi goldady. Biz barlaglary we olaryň netijelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin saglyk ugrundaky işjeňlerden, dürli çäklerdäki ilatyň wekillerinden, adamlara we daşky gurşawa ýetýän himki täsirleri barada bilimleri bar bolan adamlardan ybarat komiteti döretdik.




**6. Biz iş meýilnamasyny işläp taýýarladyk.**

Biz barlaglary bäş aýyň dowamynda geçirmegi meýilleşdirýärdik. Biz ilatly ýerleriň hersine 15 günden baryp, olaryň her birinde 3-4 gün galmalydyk. Biz şol ýerdäli adamlar bilen sorag-jogap alyşmalydyk we barlaglar üçin gan, tüýkülik, täret ýygnamalydyk. Şäher barlaghanasyndan barlaglaryň netijeleri gelensoň, biz dolanyp, netijeleri adamlara habar bermelidik. Bileleşip karar kabul etmek örän wajypdy. Ugrukdyryjy komitet we jemgyýet wekilleri barlaglaryň geçişi barada gürrüňdeş bolar ýaly, ýygnaklary her 2 aýdan geçirmegi meýilleşdirdik.

7. **Biz işimizi we barlaglarymyzy maliýe taýdan goldajak hemaýatkärleri gözledik.**

   Pul serişdelerini gözlemek boýunça topary döretdik. Uzaga çeken gözlegleriň netijesinde biz Ispaniýanyň lukmanlar toparyndan barlaglary geçirmek üçin pul aldyk.

8. **Biz ilatly ýerleriň kartasyny çyzdyk.**

   Ilatly ýerleriň her biri nebit guýularyny, hapa suwy, obalaryň we ekinleriň ýerleşişini görkezýän kartalary çyzdy. Şol bir wagtyň özünde biz şol ýerde ýaşaýan her bir adamyň sanawyny düzdük (ilaty ýazgy etmek). Bu sanawda her bir adamyň ady, jynsy, ýaşy görkezildi.

9. **Biz ilatly ýerlere baryp, barlaglary geçirmäge girişdik.**

   Gany, tüýküligi, täreti barlaglar üçin şähere ibermän, biz barlaghanany ýerli mekdepde gurnadyk. (Bu barlaglary geçirmek üçin barlaghana enjamlary we biraz tejribe gerek bolýar, şonuň üçin biz bu ýerde olary düşündirmeýäris).

   

   Ertirlerine biz öýme-öý aýlanyp, barlaglar üçin gerekli nusgalary ýygnaýardyk. Soňra maglumatlary ýygnamak üçin beýleki bir topar öýme-öý aýlanyp, sorag berýärdi, saglyk boýunça işjeňler bolsa her bir adamy lukmançylyk gözegçiliginden geçirýärdi.

10. **Maglumatlary ýygnap bolanymyzdan soň, biz olary ýerbe-ýer etdik.**

    Soňra biz hapalanan ýerlerdäki maglumatlary hapalanmadyk ýerlerden alnan maglumatlar bilen deňeşdirdik. Biz köp taraplaýyn deňeşdirme geçirdik: ykdysady we syýasy ýagdaý, ýerli medeniýet, adam saglygy.

11. **Bularyň baryny ýazmak we ara alyp maslahatlaşmak iň soňky ädimdi.**

    Bu iş oňa gatnaşan adamlaryň ählisiniň öz saglyk ýagdaýlaryny gowulandyrmagy nämeden başlamalydygyny kesgitlemäge kömek etdi.



# Saglyk ýagdaýynyň barlagy geçirilenden soň, jemgyýet hereket edip başlady.

Saglyk ugrunda göreşýänler adamlaryň köp keselleriniň nebit zerarly döreýän hapalanmanyň netijesinde ýüze çykýandygyny iş ýüzünde subut etdiler. Nebitiň düzümine girýän zäherli himiki maddalaryň suwda, toprakda, adamlaryň ganynda, tüýküliginde we täretinde bardygy bellenildi. Bu maglumatlar meseläni çözmekde ilkinji ädimleri etmäge kömek etdi. Olar hapalanma dowam etse, suwy, sagdyn iýmiti we arassa howany gorap saklamagyň kyn boljakdygyny bilýärdi.

Kömek sorap hökümete ýüzlenmek üçin, “Ejir çekenleriň komiteti” diýlip atlandyrylan topar düzüldi. Sagdynlygyň ösmegine ýardam berýän guramalar adamlaryň saglygyny goramagy we olara nebit senagatynyň zyýanyny görkezmegi dowam edýärler.

“Amazonkany goramak boýunça Birleşme” atly beýleki bir gurama bolsa ýetiren zyýany üçin nebit korporasiýasyna garşy kazyýet işini gozgaýar. (Bu barada has köp bilmek üçin, 522-nji sah. ser.).



**Saglyk ugrunda göreşýän işjeňler we jemgyýetdäki beýleki adamlar öz barlaglaryny amala aşyryp bildiler. Bu iş olaryň saglyk we adalat ugrundaky göreşiniň başlangyjydy.**

Tropik tokaýlaryň uly meýdanlary ýok edilipdi, emma daşky gurşawy goramak we ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak baradaky hukuk kadalary berjaý edilmändi. Daşary ýurt eýeçiligindäki korporasiýa öz girdejisini alyp, ýapylypdy.

Jemgyýetçilik barlaglary we kazyýet işi tropik tokaýlary we olaryň ýaşaýjylaryny halas etmek ugrundaky göreşe beýleki guramalary hem oňa gatnaşmaga ruhlandyrdy.

Ekwadordaky, Angliýadaky we Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndaky uniwersitetler we lukmançylyk mekdepleri nebit korporasiýasyna garşy gozgalan işi goldamak, nebit senagatynyň elhenç zyýan ýetirýändigini subut etmek maksady bilen has köp barlag geçirýärdiler. Şu kitabyň awtorlaryna nebitiň saglyga ýetirýän täsiri barada bilmäge hem şol barlaglar kömek etdi.

Ýöne esasy işi saglygyň tarapdarlary berjaý etdiler. Nebitiň saglyga edýän täsirini barlamagy öwrenmek bilen, olar ýerli möçberde bütin dünýä ähmiýetli meseläniň üstünde işlediler. Halkara nebit korporasiýalary tarapyndan tropik tokaýlarynyň ýok edilmegi zerarly öz goňşularynyň saglyk ýagdaýlarynyň näderejede beterleşendigini görkezip, olar ýerli meseleleri dünýä äşgär etdiler. Olaryň işi şu kitaby ýazanymyzda bizi örän ruhlandyrdy.

# Nebit agyr keselleriň döremegine sebäp bolýar

Beýleki himikatlar bilen bolşy ýaly, keselleriň nebit senagaty zerarly dörändigini subut etmek kyn bolýar. Sebäbi olaryň ýüze çykmagyna uzak wagt gerek bolýar. Nebit burawlanýan meýdançalaryň we nebiti arassalaýan zawodlaryň golaýynda ýaşaýan we işleýän adamlaryň köpüsi suwuň, howanyň nebit bilen hapalanandygyny bilýärler. Nebiti burawlamak, gaýtadan işlemek we ýangyç hökmünde ulanmak – bularyň ählisi saglyk kynçylyklarynyň döremegine sebäp bolýar. Aşakda şol saglyk kynçylyklary agzap geçýäris. Olar barada indiki sahypalarda has jikme-jik gürrüň bereris:

- ümezli görüş we beýleki göz keselleri;
- kellagyry, gallýusinasiýa (göze zat görünme), eýforiýa (duýdansyz şatlyk), ýadawlyk, düşnüksiz sözleýiş, beýni şikesi, huşsuzlyk;
- damarlaryň çekmegi we düşnüksiz sebäplere görä bolýan ölüm;
- burun boşlugyndaky başlar, burun gan akmasy;
- gulak ýokançlyklary;
- demgysma, bronhit, öýken sowuklamasy we beýleki respirator (dem alyş) keselleri;
- öýken we bokurdak ýokançlyklary, düwnük (rak);
- inçekeseliň döremeginiň ýokary howplulygy;
- ýürek tutgaýy;
- iýmit siňdiriş bilen bagly kynçylyklar, gaýtarma, aşgazanyň baş we düwnük (rak) keselli;
- bagryň, böwrekleriň we oňurga ýiliginiň şikeslenmegi;
- aýbaşy bilen bagly kynçylyklar, çaga düşmegi, öli çaganyň dogulmagy, dogabitdi ýetmezçilikler;
- örgün, kömelejik we deriniň rak keseli.



**Köp ýerlerde adamlar neşe hökmünde benziniň (nebitiň) bugundan dem alýar. Bu örän howpludyr. Käbir adamlar nebitden hatda bir gezek hem uludan dem alsalar, duýdansyz aradan çykýar.**

# Saglyga ýetirilýän uzak möhletleýin täsir

## Nebit önelgelilik ulgamynyň kesellerini döredýär

Nebit ýa-da ýangyç bilen zäherlenen suwuklygyň ýa-da iýmitiň ýuwdulmagy, olardan dem alynmagy aýbaşylaryň bozulmagy, çaga düşmegi, öli çaganyň dogulmagy, dogabitdi ýetmezçilikler ýaly önelgelilik bilen bagly keselleri döredýär. Bu keselleriň adaty däl gan akma we içiň agyrmagy ýaly irki duýduryş alamatlary bolup biler. (Has köp maglumat üçin, 16-njy baba ser.).

## Nebit düwnügi (ragy) döredýär

Nebit we ýangyç bilen yzygider galtaşmak düwnük keselini döredýär. Nebiti arassalaýan zawodlaryň golaýynda ýaşaýan çagalar ondan daşda ýaşaýan çagalardan gan ulgamynyň howply keseline (akganlyga) has köp uçraýarlar. Nebit burawlanýan ýerde ýaşaýan adamlarda aşgazanyň, peşew haltasynyň we öýkeniň düwnük keselleri bilen kesellemek howpy beýleki ýerde ýaşaýan adamlara garanda has ýokarydyr. Nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň işçilerinde agyz boşlugynyň, aşgazanyň, bagryň, aşgazanasty mäziň, birleşdiriji dokumanyň, erkeklik jyns mäziniň, gözüň, beýniniň, ganyň düwnük keseliniň döremek howpy örän ýokarydyr. (Düwnük (rak) keseli barada has köp maglumat üçin 16-njy baba ser.).



**Ekwadordaky nebit burawlanýan ýerde adamlaryň üçüsinden biri düwnük kesellidir.**

Teksako Ekwadorda nebit burawlap başlanda, ol sebitdäki adamlar düwnük keseli barada hiç zat bilmeýärdi. 40 ýyldan soň Amazonkanyň giňden ulanylýan nebit sebitleriniň ikisinde lukmançylyk işgärleri 80 obany gözden geçirdi. Olar her üç adamyň birinde düwnük keseliniň aýry-aýry görnüşleriniň bardygyny ýüze çykardy.

# Nebit öndürmekligiň her tapgyry zyýanlydyr

Nebiti gazyp almagyň her tapgyrynyň daşky gurşawa, saglyga zyýan ýetirýändigine düşünmek üçin, Size şular kömek edip biler:

## Nebitli ýerleri agtarmak

Korporasiýalar nebitli ýerleri agtaryp başlanlarynda, tokaýlar çapylyp aýrylýar, jaýlar ýumrulýar. Ýollar gurulýar, derýalar we akymlar desga gabalýar. Korporasiýalara ýeriň aşagynda nämäniň bardygyny bilmäge kömek etmek üçin, nebit agtaryş işlerinde birnäçe partlama hem geçirilýär. Muňa seýsmik barlag diýilýär. Seýsmik barlag jaýlary, tebigaty we topragy weýran edýär.



Nebiti agtarmak işi başlanmazdan öň, jemgyýetçilik toparlary hökümet agzalaryna ýüzlenip, öz çäklerine hüjüm edilmegiň öňüni almaga, Döwlete garaşsyz guramasynyň (DGG) we nebitiň täsirine sezewar bolýan jemgyýetleriň tejribesini öwrenmäge, saglyga abanýan howp barada maglumat bermäge synanyşmalydyrlar. Nebit korporasiýasynyň daşky gurşawa ýetirýän täsirine baha bermek üçin, ol ekologik barlagdan geçirilmelidir (ser.: Goşundy B). Bu barlag taslamanyň uly zyýan ýetirjekdigini görkezse, jemgyýetçilik toparlar bu taslamanyň togtadylmagyny talap edip biler. Nebit korporasiýasy daşky gurşawa ýetirýän täsiriniň meýilnamasyna düzende, oňa galyndylary daşamak, adatdan daşary ýagdaýlarda golaýdaky ilaty habardar etmek, adamlary howpsuz ýerlere göçürmek ýaly çäreleriň çykdajylaryny hem göz öňünde tutmalydyr.

## Nebiti burawlamak

Nebiti ýeriň aşagyndan almak üçin, guýulary burawlaýarlar. Nebitiň burawlanmagy işçileri we ýerli ilaty howpa sezewar edýän ýangynlary, partlamalary we beýleki heläkçilikli ýagdaýlary döredýär. Nebit dökülende, ol ýerasty suwlary, suw ýollaryny hapalaýar, ösümliklere we haýwanlara zyýan ýetirýär, aw awlamaklyk, balykçylyk we ekerançylyk üçin gerek bolan serişdeleri weýran edýär.



Nebiti burawlamagyň zyýanyny bellemek üçin adamlar kameralary, wideo we radio habarlary, ýazuw dykgatnamalary, hatda çaga suratlaryny hem ulanyp biler. Nebit burawlamasyny we daşky gurşawa zyýan ýetirilmegini bes etmek, daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha berilmegiň kadalarynyň ýerine ýetirmek talaplary bilen çykyş edilende ýa-da nebit korporasiýasyna garşy kazyýetde iş gozgalanda, bu maglumatlary subutnama hökmünde ulanyp bolar.

## Bölüp aýyrmak

Nebit gaz, agyr metallar we zäherli suw bilen garylan toprakdan gazylyp alynýar. Nebit burawlanyp alnandan soň, şol materiallardan bölünip aýrylmaly. Zäherli suwuň dökülmegi köplenç hapalanmanyň esasy sebäbi bolup durýar. Baý (ösen) ýurtlaryň burawlamak boýunça kanunlary zäherli suwlary ýeriň ýüzüne däl-de, ýzyna, ýeriň aşagyna gaýtarylmagyny talap edýär. Bu tejribe ähli ýerlerde amal edilmelidir.

Beýleki galyndylar bölünip aýrylandan soň, galyndy ýygnaýan howdanlara taşlanylýar. Nebit korporasiýalary çukur gazyp, oňa çig nebiti, burawlama galyndylaryny, zäherli suwy we beýleki galyndylary taşlaýar. Şol howdanlar ýerasty suwlara syzýar ýa-da çogup, ýerasty suwlary we topragy hapalaýar.

Galyndy ýygnanýan howdanlar beton bilen örtülmelidir. Suw howdanlaryndan galyndylar syzyp akmaz ýaly, nebiti ulanmak işi tamamlanmazdan öň, olary arassalamalydyr.



### Gaz alawlary

Nebit bilen garylan gazlar tapylanda, olar bir-birinden ýakmak arkaly bölünýär. Gaz alawlary (511-512-nji sah. ser.) işçileri, ilaty we tebigaty hapalanma sezewar edýär, düwnük keseliniň, deri keselleriniň, demgysmanyň, bronhitiň we beýleki keselleriň döremegine eltýär. Alawlar bulutlary hapalap, suw serişdelerini zäherleýän "gara ýagyşlaryň" ýagmagyna sebäp bolýar.

## Daşamak we saklamak





Nebit turba geçirijiler, ýük ulagy, gämi arkaly daşalanda köplenç dökülýär. Nebit ammarlarda saklanýan rezerwuarlaryndan hem dökülip bilýär. Şeýle dökülme uzak ýyllara çekip, topraga, ýerasty suwlara, adamlara we haýwanlara uzak möhletleýin zyýan ýetirip bilýär. Nebit korporasiýalary nebitiň dökülendigi barada ilaty habarly etmeli, ony azaltmaly we şol bada arassalamaly. (Dökülen nebitiň zyýanyny azaltmak we ony arassalamak barada has köp bilmek üçin, 514-519-njy sah. ser.)

Daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermek turba geçirijileriň gurluşygynyň we ulanylmagynyň meýilnamasyny göz öňünde tutmalydyr. Nebit korporasiýalarynyň howply hereketlerine garşy durmak üçin, siz turba geçirijileriň golaýynda ýaşaýan ilaty jemläp, sebitleýin goldawy üpjün edip bilersiňiz.



## Nebiti gaýtadan işlemek

Nebiti gaýtadan işleýän zawodlarda nebit benzin, dizel, ýyladyş üçin ulanylýan ýangyç, asfalt, çalgy ýaglary we plastik ýaly önümlere öwrülýär. Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar zäherli galyndylaryny suwa, topraga we howa taşlaýar. Zawodlar zerarly ýüze çykýan şeýle hapalanma demgysma, düwnük keseline, önelgelilik bilen bagly kesellere, çagalaryň beýnisiniň we nerw ulgamynyň kadasyz ösmegine eltýär. Şeýle hem bu hapalanma dünýä möçberindäki maýlamanyň esasy sebäbidir. (Ilatyň gaýtadan işleýän zawodlaryň zyýanyny azaldyp we öňüni alyp bilýändigi barada 455-458-nji, 513-nji sah. ser.).

## Nebitiň ýangyç üçin ýakylmagy



Nebitiň we gazyň (benziniň) fabriklerde we awtoulaglarda ýakylmagy howany hapalaýar. Şol bölünip çykýan gazlaryň biri bolan kömürturşy gazy howada ýylylygy saklaýar. Bu suw almalary, tupanlary, gurakçylygy, dünýä möçberindäki maýlamany döredýär. Bu bolsa öz gezeginde Dünýä ummanynyň derejesiniň ýokarlanmagyna sebäp bolýar. Şeýle hem ol dänelik ösümliklere, haýwanlara we mör-möjeklere täsir edip, gyzzyrma ýaly keselleriň täze ýerlere ýaýramagyna itergi berýär. Ýangyç guýujy stansiýalarda we köp ilatly şäherlerde adamlar düwnük we beýleki keselleri döredip bilýän zäherli buglara sezewar edilýär.

# Gaz alawlary

Nebit tebigy gaz bilen bile tapylanda, nebit korporasiýalary nebiti almak üçin gazy ýakýar. Gazyň ýakylmagy howada ýanýan elhenç sesli uly alawlary döredýär. Gaz alawlary howply, aýawsyz we örän hapa bolýar.

Nebit korporasiýalary gazy ýakman, ony satyp bilerdi. Ýöne bu gymmat we çylşyrymly bolýar, sebäbi gazy belli basyşda saklamaly. Bu bolsa ýangynyň we partlamanyň döremeginiň howpuny artdyrýar. Şeýlelikde, korporasiýalar adamlara we daşky gurşawa ýetirilýän zyýanly täsiriň artýandygyna garamazdan, arzan düşýändigi sebäpli gazy ýönekeý ýakýarlar.

## Gaz alawlarynyň töweregindäki saglyk we howpsuzlyk

Gaz alawlarynyň ählisi howany hapalaýar we keselleri döredip bilýär. Ýöne käbir alawlar has erbet bolýar.

Gaz alawy käte partlamanyň öňüni almak üçin howpsuz usul hökmünde (howpsuzlyk alawy diýlip atlandyrylýan) ýa-da nebitiň ulanylmagynyň bir tapgyry hökmünde (gündeki alawlar) ýakylyp bilner. Alawyň her bir görnüşi dürli täsiri talap edýär.



**Adam boýundan beýik gaz alawlary has howpsuz bolýar.**

**Adam boýy bilen deň ýa-da ýere golaý gaz alawlary örän howpludyr.**

### Howpsuzlyk alawlary

Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar turbalarda aşa köp gaz ýygnananda, basyşy azaltmak üçin howpsuzlyk alawlaryny ulanýar. Howpsuzlyk alawlary hemişe ulanylmaýar, ýöne ulanylan ýagdaýynda ol örän zyýanlydyr! Siziň ýaşaýan ýeriňizde howpsuzlyk alawlary ulanylýan bolsa, alawlaryň ýakyljak wagty barada öňünden habar bermeklerini korporasiýalardan talap ediň. Korporasiýalar alawyň ýakyljakdygyny golaýdaky ilata bir gün öňünden habar etmeli.

Alaw ýananda, hemmeler mümkin boldugyça ondan daşda durmaly. Gapysy we penjiresi ýapyk jaýyň içinde boluň. (Adatdan daşary ýagdaýlarda etmeli hereketler barada 457-nji sah. ser.)

### Gündeki alawlar

Käbir ýerlerde gaz alawlary günde ýakylýar, sebäbi bu korporasiýalara arzan düşýär. Şeýle alawlaryň golaýynda ýaşaýan adamlara hemişe ätiýaçly bolmak kyn düşýär. Özüňi gündeki alawdan goramagyň ýeke-täk usuly – olary söndürmek.

## Alawlary söndürip bolar!

Köp ýyllaryň dowamynda dünýädäki iň güýçli gaz alawlary Nigeriýadaky Niger derýasynyň deltasynda döreýärdi. Halkara nebit korporasiýalarynyň Nigeriýada döreden gaz alawlary zerarly köp adam aradan çykdy. Nigeriýa gaz alawlarynyň ýaýradýan zäherlenmesi howa şertleriniň üýtgemegine we dünýä möçberindäki maýlamanyň döremegine sebäp boldy.

Nigeriýadaky Riwers Steýtiň ýaşaýjysy Çe Ibegwura şeýle diýýär: “Biz uzak ýyllaryň dowamynda hemişe gaz alawlarynyň arasynda ýaşaýardyk. Biziň ekin meýdanlarymyz hapalanypdy. Biz yhlas bilen ekin ekýärdik, emma gögerýän zat azdy. Biziň üçeklerimiz poslapdy. Howamyz hapalanandy. Biziň çagalarymyz kesellidi. Hatda biziň içýän ýagyş suwumyz hem gaz alawlarynyň gurumy bilen hapalanandy. Biz mundan artyk ejir çekip ýaşap biljek däl”.

Köp ýyllara çeken garşylykly çykyşlaryň we göreşiň netijesinde, 2005-nji ýylda Niger derýasynyň deltasynda gündeki gaz alawlary gadagan edildi. Adamlaryň sagdyn daşky gurşawa bolan hukugyny bozýandygy we keselleri döredýändigi sebäpli, kazyýet ähli nebit korporasiýalary gazy ýakmagy bes etmeli diýen karar çykarýar.

**Siziň ýaşaýan çäkleriňizde gaz alawlary bar bolsa:**

- gaz ýakmagyň howpuny ara alyp maslahatlaşyň we korporasiýalaryň, döwlet işgärleriniň üstünden arz etmek boýunça toparörediň. Şeýle hem lukmançylyk işgärleri, žurnalistler we DGG bilen habarlaşyň.
- edýän işleriňiziň ýazgylaryny saklaň. Adamlardan alawlaryň bolýan günlerini we sanyny, olaryň ýetirýän zyýanyny bellige almaklaryny haýyş ediň.
- şol ýazgylary beýleki jemgyýetler, žurnalistler we döwlet işgärleri bilen ara alyp maslahatlaşmak üçin duşuşyklary gurnaň. Olar bilen bolan söhbetdeşligiň ýazgylaryny saklaň. Döwlet işgärleriniň aýdýan zatlaryny ýazgy etmek we surata düşürmek siziň bu meselä çynlakaý garaýandygyňyzy görkezýär. Esasy zat – ruhdan düşmezlik!




Belki, bu işler gazyň dessine söndürilmegini üpjün edip bilmez. Ýöne gazyň söndürilmegi umumy maksada öwrülse, ol ilaty birleşdirip, her bir adamyň saglygyny uzak möhletleýin goramaga kuwwat berer.

# Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar

Nebiti gaýtadan işläp çykarýan zawodlar nebiti benzine we beýleki ýangyja, asfalt we plastik ýaly serişdä öwürýärler. Nebiti gaýtadan işläp çykarýan zawodlar ol ýerde işleýänleriň we onuň golaýynda ýaşaýanlaryň dem alýan howalarynyň hapalanmagynyň esasy çeşmeleridir. Zawodlaryň içinde we töwereginde ulanylýan himiki maddalar düwnük keselini, önelgelilik bilen bagly kynçylyklary, demgysma, emfizema ýaly dem alyş meselelerini, dogabitdi ýetmezçilikleri, kellagyry, ýürekbulanma, başaýlanma ýaly beýleki saglyk kynçylyklaryny döredýär, nerw dartgynlylygyna sebäp bolýar. Şeýle hem nebiti gaýtadan işläp çykarýan zawodlar dünýä möçberindäki maýlamanyň sebäbi bolan gazlaryň esasy çeşmesidir.

## Nebiti gaýtadan işläp çykarýan zawodlary zyýansyzlandyrmak

Nebiti gaýtadan işläp çykarýan zawodlar şeýle elhenç keselleri döretmeli däldir. Heläkçilikli ýagdaýlaryň öňüni almak we gazy gaýtadan işlemegiň ähli tapgyrlarynda gazyň we suwuklygyň mukdaryny azaltmak üçin, korporasiýalar elinden gelenini edip, hapalanmanyň öňüni almalydyr. Siz we siziň jemgyýetiňiz nebiti gaýtadan işläp çykarýan zawodlary zyýansyzlandyrmak boýunça işleri alyp barýan bolsa, siz şu pikirleriň birine eýerip bilersiňiz:



**Howanyň hapalanmagyna gözegçilik etmek** meseleleri ýüze çykarmaga we adatdan daşary ýagdaýyň öňüni almaga kömek edip biler. Korporasiýalar howanyň ýagdaýyna gözegçilik etmeli we meselelere üns bermeli. Olar hapalanma gözegçilik edip bilmeseler, bu işi ýerli ilatyň agzalary ýerine ýetirip biler (455-457-nji sah. ser.).

**Gazyň ýakylmagyna** derek, ony gaýtadan ulanmak üçin dikeltmek ýaly has howpsuz usullary ulanmak bolar (511-nji sah. ser.).

**Çig nebiti, benzini we beýleki materiallary saklamak** üçin ulanylýan rezerwuarlar doldurylanda, boşadylanda ýa-da arassalananda, olardan käte zäherli buglar bölünip çykýar. Has gowy enjamlar we usullar ulanyp, şol buglary azaltmak mümkindir. Zäherli maddalar howa we ýerasty suwa syzmaz ýaly, rezerwuarlara we olaryň klapanlaryna (gapaklaryna) yzygider gözegçilik etmeli we abatlaýyş işlerini geçirmeli.

**Nebitden we benzinden doly gapgämiler we baržalar** buglary howa bölüp çykarýar we suwuklygy suwa syzdyrýarlar. Dökülmegiň we zäherli buglaryň bölünip çykmagynyň öňüni almak üçin hemişe howpsuz usullardan peýdalanmaly. Gapgämiler zäherli maddalaryň syzmazlygy üçin, iki ýa-da üç gatdan ybarat bolmalydyr.

**Düzümi zäherli himiki maddaly galyndy suwlar** köplenç çogup, ýerasty suwa syzýar. Munuň öňüni almak üçin, zeýkeş ulgamyny gurup, oňa gözegçilik etmelidir.

**Çig hapa nebit** köp galyndylary döredip, howany we suwy hapalaýar. Bu aýratyn hem nebiti gaýtadan işläp çykarýan zawodlar nebitiň has arassa, ýeňil görnüşlerini çykarmaga niýetlenen ýagdaýlarynda köp bolýar. Has arassa nebitiň işlenilmegi hapalanmany azaldýar.

# Nebitiň dökülmegi

Nebitiň bar ýerinde, nebit dökülmeleri hem bardyr. Gämilerde we ýük ulaglarynda betbagtçylyklar bolýar, nebit turba geçirijilerden syzýar. Nebitiň dökülmegine we onuň arassalanmagyna nebit korporasiýalary jogapkärdir.

“Suw bilen ýag garyşmaýar” diýen jümle bar. Emma nebit suwa dökülende, nebitiň düzümindäki zäherli himikatlar hakykatdan hem suw bilen garyşyp, uzak wagtyň dowamynda onuň düzüminde saklanýar. Nebitiň has galyň gatlagy suwuň ýüzüne ýaýrap, howanyň suwa düşmegine päsgel berýär, suwda ýaşaýan balyklar, haýwanlar we ösümlikler dem alyp bilmeýär. Göze görünýän nebit arassalanyp aýrylanda-da, onuň düzümindäki himikatlar suwda galyp, ony  içmek howply bolýar. Nebit ýeriň ýüzüne dökülende, howanyň geçmegine ýol bermän, topragyň sagdynlygyny üpjün edýän janly jandarlary öldürýär we ony weýran edýär. Nebit biziň derimize ýa-da haýwanlaryň derisine düşende hem şoňa meňzeş ýagdaý ýüze çykýar. Nebit deriniň ýüzüni örtüp, howanyň geçmegine ýol bermeýär. Keselleri döredýän zäherler hem bedene deriniň üsti bilen geçýär.

**Nebit bilen suw garyşýarmy?**

Bu tejribe işi adamlara suwdaky nebit tegmiliniň täsirine düşünmäge kömek edip biler:

**Wagty:** 1 sagat 30 minut

**Enjamlar:** arassa aýna gap, suw, ösümlik ýagy.

1 Gaby suwdan dolduryň. Oňa 2 çemçe ösümlik ýagyny garyň. Suw bilen ýagy garyşdyrmak üçin, gaby çaýkaşdyryň. Gaba bir sagadyň dowamynda degmäň.

2 Gaba serediň. Siz ýagyň köp böleginiň suwuň ýüzünde galandygyny görersiňiz. Ösümlik ýagy howpsuzdyr. Emma şol gapdaky suwy ýüzi nebit tegmilli derýa hökmünde göz öňüne getiriň. Munuň ýetirip biljek täsirini toparda ara alyp maslahatlaşyň. Günüň ýagtysynyň we howanyň derýa düşmegine päsgel berýän nebit tegmilli derýada ýaşamaga synanyşýan balygy göz öňüne getiriň. Derýadaky balyklary awlamak isleýän guşlara näme boljakdygyny hem göz öňüne getiriň.



3 Suwuň ýüzündäki ýagy çemçe bilen aýyrmaga synanyşyň. Mümkin boldugyça köp ýagy aýyranyňyzdan soň, suwda köpürjikleriň bardygyna ýa-da ýokdugyna üns beriň. Bu suwa çökýän ýagdyr. “Suw bilen ýag garyşmaýar” diýen jümle barada gaýtadan pikir alşyň. Suw bilen ýag garyşanda, näme bolýandygyny toparyňyz bilen ara alyp maslahatlaşyň.

## Suwuň nebit zerarly hapalanmagy

Düzüminde nebit bar bolan suwy içmek örän howpludyr. Nebit burawlananda ýeriň aşagyndan çykýan suw hem örän zäherlidir.

Suwy nebitden we zäherli himikatlardan arassalaýan süzgüçler örän gymmatdyr. Suwuň gaýnadylmagy, gün zyýansyzlandyrmasynyň ulanylmagy, suwa hloruň garylmagy (92-99-njy sah. ser.) mikroblary öldürýär, emma suwy nebit hapalanmasyndan saplap bilmeýär.

Hloruň garylmagy nebit hapalanmasyny has beterleşdirýär. Ol “fenollar” diýlip atlandyrylýan käbir himikatlar bilen birleşip, “hlorfenol” atly has zäherli himiki maddany emele getirýär.

Nebit hapalanmasy arassalanyp, göze görünmeýän hem bolsa, suwy arassa hasaplap bolmaz. Nebitiň düzümindäki zäherleriň köpüsi suwa çöküp, ol ýerde uzak wagtyň dowamynda galýar. Suwuň arassalygyna göz ýetirmegiň ýeke-täk usuly – ony barlagdan geçirmek.

# Nebit dökülmesinden soň howpsuzlygy saklamak

- Nebit bilen galtaşmakdan gaça duruň. Çagalary we haýwanlary nebitiň dökülen ýerlerinden daşda saklaň. Mümkin bolsa, şol meýdanyň daşyny aýlaň we duýduryş bellikleri goýuň.
- Nebit dökülen ýerinden ýokarda ýerleşýän suw çeşmesini ulanyň. Örän uzak ýol geçmeli bolsaňyz hem, kesellemezlik üçin bu örän wajypdyr. Nebitiň dökülen ýerinde ýagyş suwy ýeke-täk howpsuz suw çeşmesi bolup biler.
- Nebitiň dökülen ýerinde we akymdan aşakda ýaşaýan balyklary, balykgulaklary, krewetkalary iýmekden gaça duruň. Olar zäheri gubka ýaly özlerine siňdirýär.
- Hapalanan suwda suwa düşünmekden gaça duruň. Kimdir biri hapa suwa gaçsa, haýal etmän köpräk sabynly arassa suwa ýuwunmaly.
- Daşky gurşaw we saglyk barada aladalanyp, hökümet degişli bolmadyk guramalara, habar beriş serişdelerine, hökümet agzalaryna we goňşularyňyza habar beriň.
- Jemgyýet duşuşyklarynda we mekdeplerde adamlara nebitiň zyýanly howpy barada gürrüň beriň.



# Nebit dökülen ýerleri arassalamak

Nebit dökülen ýerleriň arassalanmagyna nebit korporasiýalary jogapkärdir. Korporasiýalar islendik görnüşdäki dökülmeleri arassalap biljekdikleri babatda ynandyrýarlar. Emma dökülen nebiti arassalamak üçin iň oňat enjamlaryň ulanylan ýagdaýynda-da, bu iş örän howply we kyndyr. Köplenç dökülen nebitden ejir çeken adamlaryň hiç hili gorag enjamlary bolmaýar.



**Nebit ýere we suwa dökülende adamlary, haýwanlary, ösümlikleri, ýeri we suwy zäherleýär.**

Nebit korporasiýalary nebit dökülip başlan badyna, ony arassalamalydyr. Sebäbi nebitdäki zäherli maddalar suwa we topraga çalt siňip, suwuň ýüzündäki gara laýyň aýrylmagy zyýanly ojagy ýok etmeýär (514 sah. ser.).

## Dökülen nebiti arassalan işçileriň kesellemegi

Exxon Valdez atly nebit gapgämisi 1989-njy ýylda Alýaskanyň kenarynyň golaýyndaky saýa batanda, suwa millionlarça gallon nebit döküldi. Bu ýagdaý birgiden haýwanlary, guşlary ýok etdi, ýerli balykçylygy weýran etdi. Nebitiň ýetirýän zyýany şu güne çenli dowam edýär.

Işçiler hapalanma ýaýramaz ýaly, iň gowy enjamlary ulanyp, uzak aýlaryň dowamynda her gün 12-16 sagat ony arassalaýardylar. Nebit derä galtaşmaz ýaly, olar gorag geýimlerini geýýärdi, zäherli buglardan dem almazlyk üçin bolsa maska dakynýardylar.

Iş gününiň ahyrynda olar ýapynjalaryny, aýakgaplaryny we elliklerini çykarýardy. Egin-eşikler we işçileriň özi himiki eredijiler bilen arassalanýardy. Ertesi olar ýene-de egin-eşikleri geýip, işe dolanýardy.

Gorag enjamlarynyň barlygyna garamazdan, işçileriň köpüsi üsgülewüge, kellagyra, başaýlanma we dümewlemä arz edýärdi. “Gijelerine hemmeler üsgürýärdi. Bu inçekesellileriň ýatan bejeriş otagyna meňzeýärdi” – diýip, bir işçi zeýrenýär. 10 ýyl geçenden soň, işçileriň köpüsinde huşuň ýitmegi, öýkeniň şikeslenmegi we düwnük keseli döräp başlady. Olaryň ýüzlerçesi aradan çykdy.

Exxon korporasiýasyna garşy iş gozgalyp, olardan ýetiren zyýanlarynyň öwezini dolmak talap edildi. Ýöne köp wagtyň geçendigine garamazdan, olar heniz-de hiç zat tölänoklar.

## Nebit dökülende näme etmeli

Nebit dökülende ýa-da rezerwuardan (saklanýan gabyndan) syzanda, ony konserwirlemeli ýa-da absorbirlemeli (siňdirmeli). Nebit siňdirilen badyna, nebit we siňdirilen materiallar ýok edilmeli. Ýerasty suwlary hapalamaz ýaly, olary betonlanan çukura gömmek bolar.

Suwuň ýüzündäki nebit tegmilleri hem konserwirlemek we siňdirmek bolar, ýöne ýörite enjamyň bolmadyk ýagdaýlarynda bu işi amala aşyrmak kyndyr. Dökülen nebiti arassalamak üçin suwa girýän islendik adam agyr kesele ýolugyp biler. Nebiti suwdan bedreläp aýyrmaga synanyşmak howply we netijesiz bolýar.



**Saman, ýonuşga, mekgejöweniň başlary, ýelekler, palçyk-nebiti özüne siňdirýän materiallaryň käbirleridir.**





**Labyrlara ýa-da gaýyklara we kenardaky zatlara berkidilen özboluşly ýüzýän haýat ýaly ştangalar nebiti saklap, onuň köp böleginiň ýaýramagyna päsgel berýär.**





**Ýörite suw ulagy nebiti şlang arkaly suwuň ýüzünden aýryp, saklamak üçin rezerwuara sordurýar.**





**Suwda galan nebit ýonuşga, torf garaharsaňy, ýelekler ýa-da palçyk ýaly materiallar bilen sordurylýar.**





**Nebitiň mümkin boldugyça köp bölegi suwuň ýüzünden aýrylansoň, onuň galyndysy ýakylýar. Nebit ýananda, zäherli tüssäni bölüp çykarýar. Şeýle bolsa-da, bu nebitiň suwda saklanyp galmagyndan gowudyr.**

## Nebit hapalanmasyny arassalaýan bolsaňyz, özüňizi goraň!

Siz we siziň çäkleriňizde ýaşaýan adamlar nebit tegmilini özbaşdak aýyrmaly bolsa ýa-da dökülen nebiti aýyrmak üçin korporasiýa size töleýän bolsa, siz şu zatlary bilmelisiňiz:

- Nebit hemişe zäherlidir. Onuň bilen galtaşmak we ondan dem almak agyr keselleriň döremegine eltip biler (506-njy sah. ser.).
- Nebiti arassalamak üçin ulanylýan eredijiler hem zäherlidir. Olar hem agyr keselleri döredip bilerler (516-njy sah. ser.).
- Gaýalaryň ýüzündäki nebiti aýyrmak üçin ulanylýan ýokary basyşly şlanglar nebiti buga öwürýär, dem alnanda, şol bug öýkene düşýär. Bu bolsa bokurdak we öýken keselleriniň döremegine sebäp bolýar.
- Nebitiň dökülmegine we onuň aradan aýrylmagyna jogapkär korporasiýa sizi ellik, aýakgap, respirator, gözi goramak üçin maska we kellä geýilýän gorag örtügi, gorag egin-eşikler bilen üpjün etmelidir (ser.: Goşundy A).
- Nebit bilen hapalanan suwda uzak wagt işlemek we eredijileriň täsirine sezewar bolmak agyr keselleriň döremegine eltip biler. Azrak işlemek we arakesmelerde zäherli buglardan daşrakda dynç almak has gowy bolar.

# Adatdan daşary ýagdaýlaryň howpsuzlyk meýilnamasyny düzüň

Siz nebit burawlanýan ýerlerde ýa-da nebiti arassalaýan zawodlaryň bar bolan ýerlerinde ýaşaýan bolsaňyz, partlama ýa-da dökülme ýaly adatdan daşary ýagdaýlarda her bir adamyň saglygyny goramak üçin, jemlenip, howpsuzlyk meýilnamasyny düzüň. (Howpsuzlyk meýilnamada nämeleriň göz öňünde tutulmalydygy barada bilmek üçin, 545-nji sah. ser.).

## Kartada öz ýaşaýan çäkleriňizi belläň

Adatdan daşary ýagdaýlaryň döräýjek ýerlerin, şeýle ýagdaýlardan soň dikeldiş işleri üçin ýaramly bolan serişdeleriň ýerleşýän ýerlerini bilmek üçin, howpsuzlyk kartalaryny düzüň.

Jemgyýetiň beýleki agzalary bilen öz ýaşaýan ýeriňiziň kartasyny çyzyň. Onda nebit guýularyny, burawlama meýdanlaryny, galyndylar üçin çukurlary, arassalaýjy zawodlary we hapalanmany döredýän beýleki çeşmeleri görkeziň. Mundan başga-da, suw, iýmit alynýan we ösdürip ýetişdirilýän ýerleri, mal saklanylýan, jemgyýetçilik serişdeleriniň saklanylýan ýerlerini görkeziň.



Nebitiň öň nirelerde dökülendigi, heläkçilikleriň ýa-da hapalanmalaryň öň nirelerde bolandygy barada gürrüňdeş boluň. Olaryň täsiri nähili boldy? Nebit dökülmegiň alamatlarynyň bellenilen ýerlerini kartada görkeziň. Öz elýeter serişdeleriňiziň sanawyny düzüň we adatdan daşary ýagdaýlarda olary ulanmagyň meýilnamasyny düzüň.

## Duşuşyň we öz meýilnamaňyzy düzüň

**Bize gerek zatlar:**
- akymdan ýokarda ýerleşýän suw çeşmesi ýa-da ilat üçin suw howdany;
- saklanylýan suwuň her 6-12 aýdan çalşylyp durulmagy;
- adamlary howpsuz ýere alyp gider ýaly ýük ulaglary ýa-da beýleki ulag serişdeleri;
- adatdan daşary ýagdaýda goňşy ýerlerdäki ilata, döwlet işgärlerine we köpçülikleýin habar beriş serişdelerine habar berjek bir ýa-da birnäçe adam saýlamak;
- ýygnaklary geçirmek üçin mekdep, metjit ýa-da başga ýer;
- kömek soramak, döwlet işgärlerine we köpçülikleýin habar beriş serişdelerine habar etmek üçin telefon ýa-da radio;
- hassahanalaryň, klinikalaryň we saglygy goraýyş işgärleriniň telefon belgileri.

**Jogapkär:**
- Jozeff Sala;
- Naişa;
- Njuma;
- Ahmediň taksisi;
- Kuameniň ýük ulagy.



## Jogapkärçiligi korporasiýanyň üstüne ýüklemek

Nebiti burawlamazdan öň, nebit korporasiýasy daşky gurşawa ýetiriljek täsirine baha bermeli. Bu gurama nebitiň syzmagyna ýuridik jogapkärçiligi nebit korporasiýasynyň üstüne ýükleýär. Siziň jemgyýetiňiz Daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha berýän guramanyň adatdan daşary ýagdaýlarda jogapkärçiligi nebit korporasiýalarynyň üstüne ýüklemegi üçin näme edip biljekdigi barada maslahatlaşyň. Mysal üçin, syzmak aradan aýrylýança, olaryň turba geçirijini ýapmaklaryny talap edip bilersiňizmi? Korporasiýa ilaty agyz suwy bilen üpjün edip bilermi ýa-da lukmançylyk hyzmatlaryna we hususy emlägine şikes ýetirendigi üçin töläp bilermi? (Daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha berýan gurama barada bilmek üçin, ser.: Goşundy B).

## Nebit zerarly zaýalanan ýeriň dikeldilmegi

Nebit tegmilleri ýere agyr we uzak möhletleýin zyýan ýetirýär. Nebit hapalanmasy arassalanandan soň, ýer uzak wagt ulanylmaýar. Ony dikeltmek we hasyllygyny artdyrmak mümkindir, emma bu iş köp wagt talap edýär. (Topragy dikeltmek barada goşmaça maglumat almak üçin 11-nji baba we 496-njy sah. ser.)



### Dökülen nebiti aýyrmagyň täze usuly

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda dizel ýangyjy dökülende, dürli kompaniýalar ony arassalamak üçin näme edip biljekdikleri barada habar bermeklerini haýyş edýär. Nebit dökülen toprak uly üýşmeklere öwrülipdi. Şol üýşmekler arassalanylmak üçin korporasiýalara paýlanyldy.

Korporasiýalaryň biri satmak üçin kömelek ösdürip ýetişdirýärdi. Bu işi dolandyrýan ýolbaşçy kömelekleriň tokaý ýangynlaryndan we heläkçiliklerden soň ösýändigine üns berýär. Ol kömelekleriň topragy dikeldip biljekdigine ynanýardy. Korporasiýasyň işçileri özlerine berlen üýşmekde (nebit siňen toprak üýşmeginde!) ýönekeý kömelekleri (weşenkalary) ekip, netijä garaşýarlar.

Alty hepdeden işçiler şol üýşmegi barlamaga baranlarynda, haýran galýarlar. Olar topragyň uly-uly kömeleklerden doludygyny görýär. Kömelekleriň käbiri keselegine 30 santimetre ýetýärdi. Olar kömelekden we toprakdan biraz alyp, olary barlaghanada barlaýarlar. Kömeleklerde nebitden nyşan galmandy, olarda zäherli himikatlar ýokdy! Kömelekler topragy doly arassalapdyr!

Mundan soň bolup geçen zatlar has gyzyklydy. Kömelekler ýetişensoň, siňekler olarda öz ýumurtgalaryny taşlaýar. Liçinkalar emele gelende, guşlar we kiçi jandarlar kömelekleri we liçinkalary iýýär. Guşlar we haýwanlar tohumlary beýleki ýerlere ýaýratdyp, ösümlikler köpelip başlady. Hapa üýşmekleri baý ýaşaýyş bagyna öwrüldi. Bu usul tejribede üstünlikli geçdi, emma bu ähli ýerlerde we şertlerde şeýle boljakdygyny hiç kim bilmeýär. Kömelekleriň we beýleki “tebigy serişdeleriň” dökülen nebiti doly arassalap biljekdigine göz ýetirmek üçin, köp işler amala aşyrylmalydyr.

# Ekologik adalatlyk

Nebite baý ýerlerde öz saglygyňy goramagyň ýeke-täk usuly nebit serişdelerine gözegçilik edýän korporasiýasyň hemme adamlaryň saglygyny goramak we olara ýeňillikleri döretmek ugrunda işleýändigine göz ýetirmekdir. Bu korporasiýalar nebitden oňat girdeji alýarlar. Şonuň üçin-de, bu iş olar üçin elýeterdir.




## Aýallar nebitiň ulanylmagyna garşy çykýarlar

Nigeriýadaky Niger derýasynyň deltasy (dilkawy) ozal köp balykly, baý tebigatly we sagdyn ekerançylykly mes toprakdy. Nebit korporasiýalary bu ýere ýaňy işe gelenlerinde, ähli adamlara ykdysady girdejiniň boljakdygy barada söz beripdiler. Emma 30 ýyl nebit bilen işlänlerinden soň, olar öz wadasyndan dänýär. Nigeriýaly bir zenan şeýle diýýär: “Biziň gaharymyz gelýär. Korporasiýa 1970-nji ýylda işe gelende, bizi ähli haýwanlardan mahrum etdi. Bizde hapalanan derýalardan, çeşmelerden, weýran edilen tokaýlardan, mangr agaçlaryndan we gaz alawlarynyň elhenç galmagalyndan başga görkezere zat galmady. Olar biziň tebigy baýlyklarymyzy ulanyp, millionlarça pul ýygnanýan wagty, bizde hiç hili umyt galmady. Olar munuň aladasyny etmeýär, biziň ahy-nalamyzy eşitmeýär”.

*(dowamy indiki sahypada)*

Nigeriýaly aýallar sebitdäki her bir taýpanyň adamlaryny öz işine çekmek bilen, parahatçylykly göreşe başlaýar. Aýallar sebitde işleýän Şewron Teksako atly esasy nebit korporasiýasyndan iş orunlary, bilim serişdeleri, suw, elektroenergiýa bilen üpjün edilmeklerini we durmuş şertleriniň gowulandyrylmagyny talap etdiler. Olar korporasiýasyň ýetiren ähli zyýanynyň öwezini dolmagy hem talap etdiler.

Şewron Teksako hökümetden garşylykly güýç ulanmagyny soraýar. Polisiýa we ýaragly güýçler gözýaş akdyryjy gazy ulandylar we aýallara hüjüm edip, olary urdular, gynadylar. Aýallaryň köpüsi ýaralandy, käbiri bolsa öldürildi. Emma aýallar şonda-da batyrgaý we döredijilikli gaýtawul görkezdi. Olaryň käbiri nebit korporasiýasynyň edarasyna hüjüm etdiler, beýlekileri baş eksport terminalyny eýeledi, ýüzlerçesi bolsa nebitiň başga ýerlere iberilmegine päsgel bermek üçin Niger derýasynyň boýundaky 4 sany kompressor stansiýasyny ele saldy. Aýallaryň kompressor stansiýalary we terminaly eýeländikleri sebäpli, Şewron Teksako her gün 100 000 amerikan dollaryndan hem köp puly ýitirýärdi!

Nebit korporasiýasynyň wekilleri ahyry boýun egdiler. Şewron Teksako iş orunlaryny döretmäge we aýallara öz hususy işini açmaga kömek etmek maksady bilen karz bermegiň meýilnamasyny ýola goýmaga razylyk berdi. Şeýle hem olar obalary mekdepler, hassahanalar, suw we elektroenergiýa bilen üpjün etmegi boýun aldy.

Nebit korporasiýalaryň we olaryň tarapdarlary bolan hökümet agzalarynyň rehimsiz hereketleri olaryň girdejilerini artdyrmak üçin hiç zatdan gaýtmajakdyklaryny subut edýär. Nigeriýaly aýallar dünýädäki ähli adamlary nebit senagatynyň ösüşinden ejir çekmän, öz paýyny talap etmäge ruhlandyrdy. Bolmasa, olar nebit senagatynyň ösmegine asla ýol bermez.

# Nebit we kanun

Adamlary, suwy, tebigaty hapalanmadan goramak we howpsuz iş şertlerini döretmek maksady bilen ýurtlaryň köpüsi kanunlary çykarýar. Nebit korporasiýalarynyň nebitiň dökülmegine we syzmalara jogapkär bolmaklaryny talap edýän sebit we halkara kanunlar, ylalaşyklar hem bardyr. Emma bu kanunlar diňe adamlar olaryň durmuşa ornaşdyrylmagyna gözegçilik edenlerinde netijeli bolýndyr. (Halkara kanunlary barada has köp maglumat almak üçin ser.: Goşundy B)

## Teksako garşy işiň gozgalmagy

Teksako korporasiýasy Ekwadora nebit burawlamaga gelende, Kofan atly ýerli ilat Amerikan korporasiýasynyň olaryň durmuşyny weýran etjekdigini göz öňüne hem getirmeýärdi. 20 ýyldan hem gowrak wagtyň dowamynda korporasiýa nebit we zäher galyndyly suwuň millionlarça tonnasyny daşky gurşawa taşlapdy. Kofanlaryň uzak ýyllaryň dowamynda iýmit çeşmesi hökmünde ulanan derýalarynyň indi peýdasy ýokdy. Agyz suwuny tapmak we aw awlamak üçin, adamlar indi uzak güni sarp edýärdi. Ýaşaýjylaryň köpüsi weýrançylyk sebäpli başga ýerlere göçüp gidýärdi. Kofanyň baştutanlarynyň aýtmagyna görä, Teksako olaryň adaty durmuşlaryny weýran edip, müňlerçe adamlaryň kesellemegine sebäp boldy. Kofan ilatynyň sany 15000 adamdan 500 adama çenli kemelipdi.




Teksako zerarly hapalanmagyň pidalaryAmazonkany Goramak boýunça Fronty döredýärler. Olar agyr kesellerden ejir çekýänlere lukmançylyk kömegini berýärdiler, Teksakonyň nebit tejribeleriniň saglyga ýetirýän täsirini barlamaga ýardam edýärdiler. Olar Kito şäherindäki tebigaty goramak boýunça işjeňler we Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndaky aklawjylar bilen habarlaşyp, bilelikde meýilnama düzdüler. Baştutanlar we işjeňler Teksako garşy milliard dollarlyk kazyýet işini gozgamak üçin, Nýu-Ýorka pyýada, kanoede (gaýyk) we uçarda geldiler.

Teksako işiň gozgalmagyna garşy çykjak boldy. Korporasiýa hapalanmanyň Ekwadorda bolandygy sebäpli bu işiň şol ýerde gozgalmagynyň tarapdarydy. Işjeňler Ekwadorda adalatyň üstün çykjakdygyna ynanmaýardy. Olar kazyny hapalanma babatda kararyň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda çykarylmalydygyna ynandyrdylar. Kazy olary diňlemäge razylyk berýär. Bu halkara kazyýet işine seretmek ABŞ-da ilkinji gezek bolupdy! Kofanyň baştutanlarynyň begenjiniň çägi ýokdy.

10 ýylyň dowamynda Teksako işiň ýatyrylmagy ugrunda göreşdi. Täze bellenen kazy bu işi Ekwadorda çözmeli diýen karara gelýär. Ýöne adalatly netije çykarylmadyk bolsa, işe gaýtadan Nýu-Ýorkda seredilmelidi. Bu iş henize çenli dowam edýär. Nebitiň tropiki tokaýdan gazylyp alynýandygy sebäpli, adamlaryň kesellemegi dowam edýär. Olaryň Teksako garşy alyp barýan göreşi adamlaryň köpüsine nebitiň ýetirýän zyýanyny aýan etdi, Teksakony we beýleki nebit korporasiýalaryni bolsa burawlamagyň has howpsuz usullaryny ulanmaga mejbur etdi.